# Garaşsyzlykda galkynan zehin

Category: Edebi makalalar,Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Garaşsyzlykda galkynan zehin GARAŞSYZLYKDA GALKYNAN ZEHIN / syn

Tatar Üýşmekow – Garaşsyzlyk döwründe galkynan zehin. Ol togsanynjy ýyllaryň başlarynda goşgularydyr makalalary bilen metbugatda çykyş edip başlady. Özem şu geçen wagtyň içinde «Türkmen bedewi», 'Türkmen öýi», «Serdaryň saýasynda» ýaly makalalar ýygyndylaryny, «Hazar hany» dokumental kyssa eserini, «Atbaýrak» romanyny, «Jelaleddin Kawkazda» poema-(roman)yny aýratyn kitap görnüşinde neşir etdirdi.
Elbetde, ýazyjynyň tüweleý ýaly bolup, edebiýata gelmeginiň, özüni ykrar etdirmeginiň özüne ýeterlik sebäpleri bar: olaryň birinjisi – tebigy zehin, ikinjisi – baý durmuş tejribesi. Ýakynda ýetmiş ýaşyny dolduran ýazyjynyň eserleri bilen tanyş bolanyňda-da, şol alamatlary saýgarmak kyn däl.
Türkmen halkynyň, Türkmenistan döwletimiziň Garaşsyzlygyna, baky Bitaraplygyna, döwletimiziň ýöredýän ynsanperwer syýasatyna, durmuşa geçirilýän beýik işlere bolan guwanç, buýsanç duýgularynyň onuň eserleriniň süňňüne siňmegi, özem ol duýgulary haýsydyr bir howaýy sözleriň üsti bilen däl-de, eýsem, gyzgyn ýürek, örän çynlakaýlyk hem-de degerli delilleriň üsti bilen beýan etmegi ýakymly täsir galdyrýar.
Ýazyjyny tolgundyrýan meseleriň ýaýrawy giň: Watana, Ene topraga, tebigata, ýaşaýşyň, durmuşyň özeni bolan zähmete söýgi, türkmençilik, ar-namys, ata-babalarymyzyň ýol-ýörelgesi, türkmen bedewiniň, halysynyň ykbaly, halkymyzyň pajygaly taryhy, 37-niň tutha-tutlugy, Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda we ondan soňky görlen görgüler, halkymyzyň görkezen merdanalygy, armanly, gussaly ykballar, ylym-bilim, sungat, döredilik dünýäsi…
Tatar Üýşmekow näme hakda ýazsa-da, ýokdan bar etjek bolup azara galmaýar, diňe ýazmaly zady – Durmuş Hakykatyny ýazýar. Şu ýagdaý we halk dilini gowy bilmegi, dil baýlyklaryndan

başarnykly peýdalanmagy ýazyjynyñ eserleriniñ gymmatyny has hem artdyrýar.
Men Garaşsyzlygymyzyñ gadyrdany hökmünde özüni tanadan galamdaşym – Tatar Üýşmekowa berk jan saglyk, uzak ömür, Täze zamany wasp edýän täze-täze eserler bilen okyjylary yzygiderli begendirmegini tüýs ýürekden arzuw edýärin.

1999 ý.

Berdinazar HUDAÝNAZAROW,
Türkmenistanyñ halk ýazyjysy,
Magtymguly adyndaky Halkara baýragynyñ eýesi, Türkmenistanyñ il ýaşulysy. Edebi makalalar